# Çakyňy bilmeseň… / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çakyňy bilmeseň… / satiriki hekaýa ÇAKYŇY BILMESEŇ…

Şäheriň ortarasyndaky uly ýol bilen gelýän trolleýbus töweregine äsgermezlik bilen seredýärdi. Ýoluň ýarysyny tutup gelýändigine garamazdan, deňinden geçýän awtomobillere ulumsylyk bilen bakýardy.
– Äl, bularyň jüýjejikler ýaly eýjejikdigini! Arman iki elim boş däl-de, ýogsa, şojagaz maşynlaryň başyny sypap goýbererdim…
Birdenem öňünden gelýän içi adamdan hyryn-dykyn doly awtobusa gözi düşdi. Edip gelýän pikiri üýtgäp gitdi.
– Pormyň gursun, göwreli aýal ýaly haçan görseň içi hyryn-dykyndyr. Gördügim jynym atlanyberýär. Döremän geçen, göwresi dagam meňkiçe… Aý, ýok, meňkiçe ölse bolarmy? Ýöne şu bolşuna-da meň bilen bäsleşjek bolýar. Gowusy, şunuň çetine bir degeýin-le! Goý, hemmeler meniň güýçlüdigime göz ýetirsinler, sarpa goýsunlar. Ýola çykanymda gapdala çekilip, ýol bersinler – diýip, öňündäki garşydaş duralga gelip saklanan awtobusa degip başlady.
– Ýeri-how, awtobus dost! Arma işler bilen, bolup gelşiň gaty naýynjar görünýär-le?! Beýdip, ýegşerilip, geregiňden artyk göterip, özüňi görkezjek bolma. Beýle bolsaň, tiz sandan çykarsyň. Artykmaç güýjüň bolsa ýok. Ýene meniň ýalylaryň eden işini etjek bolýaň.
– Trolleýbus jan, näçe adam götersemem, öz gerdenimde göterýändirin. Saňa göteriş diýemok. Men işlän wagtym bar güýjümi zähmete berýän.
– Gaýrat et-de, özüňi görkezjek bol. Şeýt-de uzak ömrüňi gysgalt.
– Trolleýbus dost, öz aýbyňy özüň açýarsyň. Sende güýç-de ýok, kuwwat-da. Diňe keseki güýç bilen şu derejä ýetýärsiň.

Depäñdäki örküñ bolmasa, sen duranja bir garantga ahyry! Onsoñam, seniñ durmuşyñda hiç hili täzelik ýok. Şo-ol bir ýörän ýoluñy gaýtalap ýöremeli. Eger ýoluñdan çykaýsañam, aýbyñ açyljak. Islän ýerime gidibilýärin, ýurt gezýärin. Diýmek, gözýetimim giñelýär. Dünýägaraýşym baýlaşýar. Sen özüñden kiçi maşynlary-da äsgermejek bolýañ. Zadyñ göwresine garama, ýüregine bak. «Şahyñy» döwäýseler nädersiñ, duran ýeriñ özüñki bolaýsa…
«Şü-de maña akyl satjak bolýar-a!» diýip, öz ýanyndan oýlanan trolleýbusyñ gaharyndan ýaña togy depesinden dabanyna urdy. Onuñ «Şunuñ tumşugyny «MAZ» bilen çaknyşanyñka döndereýin-le» diýip, «elini» tokly simden aýryp awtobusa topulany-da şoldy welin, uly ýoluñ ortasynda keserdi galaýdy. Awtobus bolsa agraslyk bilen ýoluna rowana boldy.

Jorageldi SAPARGELDIÝEW. Satiriki hekaýalar